# Sen nebisiň ýörtünden

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sen nebisiň ýörtünden SEN NEBISIŇ ÝÖRTÜNDEN



Ýigrimi üç ýyl çekip seniň derdiňi,
Hassa boldym sen nebisiň ýörtünden.
Tutha, al diýdirdiň, dünýäň dördüni,
Yşykda köýdüm sen nebisiň şertinden.
Bizni kör eýlediň horu-zar bendä,
Ybrat etdiň gat-gat husyt baý zanda,
Çapdyrdyň köňül atym jylawym sende,
Gamçylap ýuwurtdyň panyň syrtyndan.

Hyýalym baglandy dünýäm malyňa,
Bakmadym men sagdan soldan halyňa,
Pikrm, zikrim, şükrüm düşüp ýoluňa,
Kowmuş bizni sabyrystan ýurdyndan.

Ýüzün örtdüň dogan-gardaş, dost-ýaryň,

Dözmediň mal-mülke, köýdürdiň aryň,
Adam oglun ýörütdiň güni deý haryň,
Allahym bu nebis zulumy derdinden.

Kimi wepasyndan, kimi lebzinden,
Kimi haýasyndan, kimi ýüzünden,
Kimni gara etdiň barçaň gözünden,
Ogry-kezzap edibän ýörtdiň ardyndan.

Halmyrat, kör nebis baglar jahany,
Birin däl, müň islär köňlüň dahany,
Damak, gözüň doýmaz syry ne many,
Ýaradan yns, jynsa ömrüň alnyndan.

Halmyrat ORAZOW. Goşgular